Nebit we gaz känini özleşdirmek üçin birnäçe warianta seredilýär. Her wariant biri-birinden tapawutlanýar: guýularyň sany bilen, olaryň işe ulanmaga goýbermegiň nobaty bilen we guýularyň işleýiş düzgüni bilen.

Tebigy gatlak energiýasy nebiti çykarmak üçin ýeterlik bolmasa, gatlakdaky basyşy ýokarlandyrmak meselesi ýüze çykýar.

Her warianty nebit alyş depgini, özleşdirmäniňmöhleti we gatlagyň nebit berejilik koeffisiýenti häsiýetlendirýär. Diýmek her wariant üçin öz ykdysady (görkezijileri) häsiýetnamasy bar. Şol wariantlaryň içinden biri, iň rasional sistemasy saýlanýar. Rasional sistemaň kriteriýasyny aşakdakylar üpjün edýär.

1. Guýularyň özara az täsiri bolmaly.Ýerasty gidromehanikadan belli bolup dur; guýularyň arasyny daşlaşdyrsaň olaryň biri birine täsiri peselýär we olarda deň düýp basyş saklanýar her biriniň debiti ösýär. Ykdysady tarapdan guýularyň sany we çykdaýjylar azalýar. Şol wagt bolsa jemleýji debit azalmagy bilen özleşdirmäniň möhleti ösýär.
2. Gatlagyň nebit berijilik koeffisiýenti ýokary bolmaly.Nebit berijilik koeffisiýentini maksimal etmek üçin gatlagyň nebit tutýan meýdanyny doly herekete getirmeli. Suwbatly ýa-da gazbatly gatlak düzgünlere ony üpjün edip biler. Olar bolmasa gatlaga suw ýa-da gaz basyp goýberýärler. Guýularyň sany köpelende ýa-da gatlaga täsir etmeli bolanda kapital çykdaýjynyň ösýändigini göz öňünde tutmaly.
3. Nebitiň çykaryşyň bahasy minimal bolmaly. Her wariant üçin doly çykdaýjylary we nebitiň bahasy hasaplanýar.Kabul edilýän özleşdirme sistemasy rasional bolmak üçin ol maksatnamada görkezilen nebitiň çykarylyşyny minimal harçlary bilen we ýokary nebit öndürijilikli koeffisiýenti üpjün etmeli.

**Döwran BERDIÝEW**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz**
**uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены